# Bir haty okap…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bir haty okap… BIR HATY OKAP…

Ýene-de hat geldi ýazylşy tanyş,
«Ýalbarýaryn, hatalarmy bagyşla.
Maña agyr düşýär sensiz ýaşamak,
Dolangyn yzyña,
Kinäñi taşla»

Ýeri, indi näme jogap bereýin,
Ýürek heniz saña intizarmykan?
Men-ä bagyşlardym, ýöne
Söýgüniñ
Aly hezretleri bagyşlarmykan?

Yzyma gaýtmaga (dogrusy) gorkýan,
Kalbym unudylan peç deý sowapdyr.
…diñe oýunjaklar isleseñ oýnap,
Islemeseñ taşlap gidilýän zatdyr.

Rejep ARAZDURDYÝEW. Goşgular